# Seniň ogluň

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025

Seniň ogluň Päk perhizkär gujagyňda,
Dünýä inen bir ogluň men.
Öziň bilen galýan ýerden
Eý, daňdanym, seň ogluň men.

Galplygyň ýok, ah, ýeke-täk,
Syrlaryňa ýetmen entäk.
Ýadap gelen entäp-entäp
Eý, daňdanym, seň ogluň men.

Geçen geçdi, örtäp geljek,
Erenlerňe elim serjek.
Bir gün sende gözin ýumjak,
Eý, daňdanym, seň ogluň men

Gussamy ilden gizlediň,
Oýlanyp, nämekäň, bilmedim?!
Sende bihuda gülmedim,
Eý, daňdanym, seň ogluň men.

Mynajatym, el serenim,
Ýanyňa ýüwrip gelenim,
Bir bilenim, täk bilenim,
Eý, daňdanym, seň ogluň men.

Nuretdin Kesearkajy. Goşgular